# Men Noeli juda halaýan musulman, baýramçylygyň adyny meniň üçin üýtgetjek bolmaň!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Men Noeli juda halaýan musulman, baýramçylygyň adyny meniň üçin üýtgetjek bolmaň! MEN NOELI JUDA HALAÝAN MUSULMAN, BAÝRAMÇYLYGYŇ ADYNY MENIŇ ÜÇIN ÜÝTGETJEK BOLMAŇ!

*Noelde duýgularyna esewan edilmegini isleýänler hristian bolmadyklar däl. Bu bizi ynjyk we gödek görkezýär.*



Noel aslynda iň giň gurşawly baýramçylyklaryň biri. **(Pexels)**
Men Noeli – Täze ýyl gününi juda halaýaryn. Elbetde, meniň muňa duýýan ýakynlygym dünýewi görnüşde, sebäbi men «dininiň amallaryny berjaý etmeýän» musulman. Şol sebäpli Birleşen Korollykdaky Brigton uniwersitetiniň Noel sözüni ulanmakdan gaça durmagy we munuň ýerine «gyşky ýapyk möwsüm» diýmegi maslahat berip, broşýura çykarmagyna düşüner ýaly däl.
Olara-da düşünýän, adamlary çetleşdirmek islänoklar. Emma beýtmeklik ýagşy niýetli liberal taraplar üçin düýpli mesele bolup durýar. Ynjalyksyzlygyň ýa-da ynjytmagyň öňüni aljak bolup, ritualary paýlaşmagyň güýjüni gözden sypdyrýarlar hem-de tersine bolanda jemgyýetleriň dil tapyşmagy üçin giň gurşawly we möhüm ýol görkeziji bolmaga mynasyp däp-dessurlara zyýan berýärler. Has giň gurşawly dil ulanjak bolýandyklary

üçin-ä berekella diýmeli. Hemme zady göz öňüne tutýandyklary gowy zadam bolsa, gynansak-da, professionallaşan hoşgylawlylyk hökmünde orta çykýar.
Hem az-owlak samsyklaç. Noelde duýgularyna esewan edilmegini isleýänler hristian bolmadyklar däl. Bu bizi ynjyk we gödek görkezýär.
Hemmämiz dekabrdaky ofis üýşmeleňinde nähili «saýrylaşdyrýandygymyzyň» gaýgysyny edip gorkanok. Haýsy dine uýýanam bolsaňyz, ýylyň ahyrky birküç gününde hemmeleriň Täze ýyl güni mynasybetli bezelen nazy-nygmatly saçagyň başynda iýip-içip oturasynyň gelýändigine kepilem geçip bilerin.
Şowhun-şagalaňly Täze ýyl güni ýetip gelende köp adamyň göhi gelýär. Täze ýyl gününi bellemek olaryň dini bolmaýanda-da, birnäçeleri öz däp-dessurlary bilen ugurdaşlykda bellemegiň tärini tapdy. Nýu-Ýorkda köp sanly jöhit ýerli restoranyň işlejegini bilensoň, Noel gününde hytaý naharyny iýmek üçin daşaryk çykýar. Musulmanlaryňam şol çorbada paýy bar. Isa pygambere ynanýanlar hökmünde boý gyzyň çaga dogurma hekaýatynda Isadan we Merýemden gürrüň edýäris, hristanlar ýaly biz hem muny oýlanmaga we doga-dileg etmäge mümkinçilik hökmünde peýdalanyp bileris.
Noel aslynda iň giň gurşawly baýramçylyklaryň biri Munuň özi hemmeleriň eýe çykyp biljek ýyllyk medeni döreýiş. Hemmämiz otkrytka alşyp-berişýäs, ähli ynançlardan ene-atalar çagalaryny mekdepdäki «Isanyň dogluşy» pýesasynda görmek isleýär we kim Noel teleýaýlymynda näme boljagyna sabyrsyzlyk bilen garaşanok ýa-da Jon Lewisiň mahabatyna heýjanlanyp tomaşa edenok?



Noeliň söwda artykmaçlyklarynyň bardygyny-da unutmalyň. Munuň özi hemmeleriň gyşdaky etsem-petsemleriniň esasy parçasy.

Meniñ özümiñ-ä «Rowaýaty anna» («Black Friday») amatlylyklarynda we yzysüre gelýän ýanwar arzanlaşyklarynda elim gelýär. Baýramçylyk döwri özüne çekije bolýar we yşyklandyryjylar, bezegler, dükanlardaky Noel sazlarynyñ pessaýja jyññyrdap durmagy – ony paýlaşylýan gowulyga öwürýär.
Britaniýanyñ asly hindi premýer-ministriniñ öñündäki Rangoli gül dessesi bilen Noel arçasy bilen bolşy öýünde ýaly. Ynanjyñyzyñ sizi kösemegine hajat ýok, sizem ýurduñyzdaky hristian ildeşleriñize tüýs ýüregiñizden «Täze ýylyñyz gutly bolsun!» diýip bilersiñiz. Taryhy öwrenmek, jemgyýete dahylly bolmak we gatnaşmak adamy has az tapawutlandyrýan, has az saýrylaşdyrýan zatdyr. Ulalyp barýan çagakak Noel bilen gyzyklanyp duramzokdyk, ýöne Täze ýyl gününi deñ-duşlarym bilen geçirmek üçin hemişe çagyrylýardym we muña heziller edýärdim. Remezan baýramynda-da ol çakylyklar garşylygyny tapýardy, çünki özgeleriñ siziñ gelip çykyşyñyzy we baýramlaryñyzy öwrenmäge isleg bildirmegi ýaly ýakymly zat ýok.
Ozalybetinde Nýu-Ýorkda hytaý restoranyny ýöretmeýän bolsañyz, munuñ özi köpimiz üçin dynç almaga bahana bolýar. Wagtyñy aýalyñ we çagalaryñ arasynda geçirmegiñ, külli adamzada bolan ýagşy niýetlidigiñizi bildirmek üçin tost aýdyşmagyñ we ýylyñ ahyrynda ýadawlygyñyzy çykarmak üçin az-owlak Noel jadysyndan umydygär bolmagyñ nämesi erbetmiş?!




Salma ŞAH.
Şenbe, 17.12.2022 ý. Publisisistika